***Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda ilkinji gezek guralan «Turkmentextile Expo — 2025» atly halkara sergi-ýarmarkanyň esasy maksady hem ýurdumyzyň dokma kärhanalarynda öndürilýän, ýokary hilligi bilen biri-birinden tapawutlanýan milli dokma önümlerimize bolan gyzyklanmany artdyrmakdan, täze hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakdan ybarat. Şonuň üçin häzir dünýäde dokma pudagynyň iň ýörgünli ýörelgesi bolan ekologik dokma önümlerini öndürmäge ýykgyn edilýär.***

Ekologik taýdan arassa çig mala, önümçilik kärhanalarynyň daşky gurşawa hem önümleriň özüne ýaramaz täsir ýetirmezligine, dokma çig malyny gaýtadan işlemäge uly üns berilýär. Dokma pudagyny köpugurly esasda ilerledýän Türkmenistan bu ýörelgelere aýratyn ähmiýet berip, dünýä tejribesiniň gazananlaryny milli däpleri bilen sazlaşykly utgaşdyrýar.

Ýurdumyzda ýylyň-ýylyna «ak altynyň» bol hasylynyň ýetişdirilmegi dokma önümleriniň eksport kuwwatyny yzygiderli artdyrýar. Dünýä dokma bazarynyň 30 göterim töweregini eýeleýän pagta önümlerinde milli önümçiligiň hem ýeterlik paýy bar. Türkmenistan dünýäde pagta süýümini iň köp öndürýän ýurtlaryň hatarynda durýar. Bilermenleriň çaklamalaryna salgylanyp, pagta önümlerine bolan islegiň geljek ýyla çenli 1,5 göterim ýokarlanjakdygyny nazarda tutsak, milli dokma pudagynyň kadaly ösüşi nazarlaýandygyny ynamly aýdyp bileris.

Bir söz bilen aýdylanda, «Turkmentextile Expo — 2025» atly halkara sergi-ýarmarka milli dokma pudagyna gyzyklanmany has-da artdyrmakda, bu ugra önümçilik we işewürlik babatda täze hyzmatdaşlary çekmekde, şeýle hem türkmen önümleriniň moda dünýäsiniň häzirki zaman bazarynda ornuny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.

**Adalat ŞAMURZAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.**

Все права защищены